Adamyň akyl ýetiriş we praktiki işleriniň filosofik metodologiýasynyň iki esasy görnüşi bar. Olar dialektiki metodologiýa we metafiziki metodologiýadyr. Bulardan başga-da her bir filosofik akymyň her bir filosofik konsepsiýanyň özboluşly metodologiýasy, özboluşly pikirleniş, akyl ýetiriş usuly bar. Meselem filosofik metodlaryň analitiki, intuitiw, fenomenologik, germenewtik, pozitiwistik, ekzistensialistik, pragmatistik,transsendentalistik, strukturalistik, teleologik we ençeme beýleki görnüşleri bar. Olaryň köpüsi esasan metafiziki metodologiýanyňçäklerinden çykmaýar ýa-da filosofik metodologiýanyň iki esasy görnüşiniň elementlerini eklektiki birikdirip, garym – gatym edip ulanýar. Şonuň üçin filosofik metodologiýanyňiki esasy görnüşini gysgaça seljermek maksada laýykdyr.

Ozaly bilen, filosofik metodologiýanyň umumy ylmy we hususyylmy metodologiýalardan tapawudyny belläp geçmek gerek. Filosofik metodlar (metodlar ulgamy, metodologiýa) ähliumumy, uniwersal häsiýetlidir, ýagny abstragirlemegiň (ylymy abstraksiýalary döretmegiň) iňumumy, iň ýokary derejesidir. Başgaça aýdylanda, filosofik metodologiýanyň aňladýan kanunlary we kategoiýalary dünýädäki uçdantutma ähli hadysalaryň we predmetleriň iňumumy, has umumy mazmunyny, alamatlaryny, gatnaşyklaryny suratlandyrýar. Olar jansyz we janly tebigatyň, adamzat jemgyýetiniň, adamlaryň ruhy dünýäsiniňähli hadysalaryna we obýektlerine degişlidir.

Filosofik metodologiýa hakykatyň islendik ugruny, ýagny ähli ugurlaryny öwrenmekde ulanylýar. Emma filosofik metodologiýa hususy, anyk alymlaryň metodlaryny aradan aýyrmaýar, olaryň ornyny tutmaýar. Filosofik metodologiýa ylmy barlag geçirmek üçin ýa-da praktiki işleri amala aşyrmak üçin has umumy düzgünleri, ýörelgeleri berýär, umumy gollanma bolup hyzmat edýär.

Filosofik metodologiýanyň iki esasy görnüşi barada aýdylanda, matafiziki metodologiýanyň örän çäklidigini, ylmy akyl ýetiriş üçin hem, praktiki işleri amala aşyrmak üçin hemdialektiki metodologiýanyň iň netijeli, has oňyn häsiýetlidigini nygtap aýtmak gerek.

Metafizika düşünjesiniň iki manyda ulanylýandygyny bellemek gerek. Metafizika sözi gadymy Gresiýada umuman filosofiýa manysynda ulanylypdyr. Grekçe meta – soňky, metafizika – fizikadan soňky, ýagny filosofiýa diýmekdir. Häzirki wagtda hem metafizika sözüniň filosofiýanyňsinonimi hökmünde ulanylýan halatlary bar.

Metafizika adalgasynyň ikinji manysy akyl ýetirişiň we praktiki işleriň metodologiýasydyr. Şeýle manyda metafizika XVII – XVIII asyrlarda agalyk ediji metodologiýa bolupdyr. Munuň özi şol döwürde tebigaty öwreniş ylymlarynyň ýaňy döräp başlamagy bilen, olaryň arasynda diňe mehanikanyňkemala gelmegi bilen baglanyşyklydyr. Munuň özi tebigaty öwreniş

Все права защищены

ylymlarynyň dünýäniň hadysalaryny we predmetlerini, olaryň alamatlaryny aýry-aýrylykda öwrenýän, olar barada köp sanly faktlary toplaýan döwri bolupdyr.

**Kristina SEMENOWA,**
**Döwletmämmet Azady adyndaky**
**Türkmen milli dünýä dilleri institutynyň talyby**

Все права защищены